# Samsung we Google Eclipsa Audio 3D ses tehnologiýasyny işläp düzdüler

Bu täze funksiýa, Crystal UHD-den Neo QLED 8K-a çenli ähli Samsung telewizor modellerinde, şeýle hem 2025-nji ýyldaky ses panelleri hatarynda elýeterli bolar. Eclipsa Audio tehnologiýasy ulanyjylara sesiň ýerleşişi, intensiwligi we giňişlik şöhlelenmeleri ýaly taraplaryny sazlamaga mümkinçilik berip, “gyzykly 3D ses giňişligini” döredýär.

Tehnologiýa, 2023-nji ýylyň oktýabr aýynda Açyk Media Bileleşigi (AOM) tarapyndan işlenip düzülen Immersive Audio Model and Formats (IAMF) standartyna esaslanýar. Samsung, Google we Telekommunikasiýa Tehnologiýalary Assosiasiýasy (TTA) bilen bilelikde “Eclipsa Audio ulanýan enjamlarda ses hilini üpjün edýän sertifikasiýa üstünde işleýär”. Neowin portalynda Samsung-daky çeşmelere salgylanyp bellenilişi ýaly, Eclipsa Audio giň ulanyjylar toparyna elýeterli bolar, sebäbi “Samsung ony mümkin boldugyça elýeterli etmäge çalyşýar”.

Все права защищены

save pdf date >>> 10.01.2025